# SUNGAT WE ÝAŞLAR

MAÝA KULYÝEWA ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI KONSERWATORIÝASYNYŇ TALYPLAR GAZETI

Gazet 2019-njy ýylyň 25-nji noýabryndan bäri çykýar. № 5(28) sentýabr-oktýabr 2024ý. E-mail: tnconservatory @gmail.com


## GARAŞSYZLYK – BIZIŇ MILLI BUÝSANJYMYZ

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň dowamatyny mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň her bir güni toýdur baýramlara beslenýär. “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygy uly ruhybelentlik bilen bellenildi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biziň gazanýan üstünliklerimiz, ýeňişlerimiz, abadançylygymyz öz gözbaşyny milli buýsanjymyz bolan Garaşsyzlygymyzdan alyp gaýdýar. Garaşsyzlyk bu biziň buýsanjymyzdyr. Garaşsyz döwlet hökmünde dünýäde ykrar edilen ýurdumyzyň taryhyna bu gün şöhratly we ýeňişli sahypalar ýazylýar. Eziz Diýarymyzy dünýäniň ösen, iň öňdebaryjy döwletleriň hataryna çykarmakda täze belent sepgitlere ýetilýär. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän beýik işleri bilen şöhratlanýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly başlangyçlary bilen amala aşyrýan bimöçber işleri halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamaklaryny berkidýär. Ýurdumyzyň her bir güni taryhy wakalara beslenişi ýaly, şu ýylyň 24-nji sentýabry hem taryhy, möhüm seneleriň birine öwrüldi. Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda paýtagtymyz Aşgabadyň gözel künjeginde ýerleşýän Maslahat köşgünde Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Bu mejlisde döwletimiziň durmuş, ykdysady ösüşiniň netijeleri, gazanylan üstünlikleriň jemi hem-de ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmekde öňde durýan möhüm meseleler barada maslahatlaşyldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň “Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen Döwletdir!” diýen baş şygary esasynda zähmetsöýer halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak, ýaşlarmyzy ylymly–bilimli, giň dünýägaraýyşly, sagdyn bolmagy üçin irginsiz aladalar edilýär. Halkymyz Hormatly Prezidentimiziň aladalaryna jogap edip zähmet üstünlikleri bilen öňe barýarlar.

Halkymyza ajaýyp durmuşy, egsilmez bagty peşgeş beren türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, mundan beýläk-de tutýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!



Hatyja AKMYRADOWA,
Sazşynaslyk hünäriniň
4-nji ýyl talyby.



## “GARAŞSYZLYK TOÝY”

Guwanýarys Garaşsyzlyk alanyňa,
Garaşsyz döwletim toýuň gutlaýan.
Eziz halkym sowgat bilen gelende,
Garaşsyz döwletiň toýun gutlaýan.

Ýaşulular salgy berer ak ýoly,
Bolarys biz watanmyň wepaly gyzy,
Arkadagyň mydam sag bolsun goly,
Garaşsyz döwletim toýuň gutlaýan.

Täzeden guruldy beýik binalar,
Galdyryldy ak-depede galalar,
Türkmenistan ösüşlerde tanalar,
Garaşsyz döwletim toýuň gutlaýan.

Halkym ýetişdirer bagly gülleri,
Watanym wasp eder çaga dilleri,
Zähmete bagyşlap sagdyn elleri,
Garaşsyz döwletiň toýun gutlaýan.



Gülkamar DÖWLETOWA,
Sazşynaslyk hünäriniň
3-nji ýyl talyby.

## Türkmen – mongol dostluk konserti



12-nji oktýabrda Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda Türkmenistanyň we Mongoliýanyň sungat ussatlarynyň bilelikdäki konserti geçirildi. Bu konserte Mongoliýanyň at gazanan artisti D.Tuwşinsaýhanyň ýolbaşçylyk we dirižýorluk etmeginde “Morinhuur” atly döwlet filarmoniki orkestri, Mongoliýanyň halk artisti we aýdymçysy B.Munhbaatar hem-de Mongoliýanyň at gazanan sungat işgäri, horeograf we baletmeýster B.Baýarbaataranyň ýolbaşçylygyndaky Mongoliýanyň milli sungat teatrynyň tansçylary özleriniň ajaýyp çykyşlaryny görkezdiler.

Munuň bilen bir hatarda Türkmenistanyň at gazanan artisti Omar Igamowyň ýolbaşçylygynda Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň halk saz gurallary orkestri, at gazanan sungat işgäri Osman Güjimow, estrada aýdymçylary, halk artistleri Suhan Orazberdiýew, Gözel Öwezowa, Züleýha Kakaýewa dagylar öz aýdymlary bilen çykyş etdiler.

Konsert çäresinde Mongoliýanyň at gazanan artisti D.Tuwşinsaýhanyň ýolbaşçylyk we dirižýorluk etmeginde “Morinhuur” atly döwlet filarmoniki orkestriniň ýerine ýetirmeginde B. Çinbatyň “Giňişlik düýşi – Beýik hanyň ýerleri”, “Mongol heňi”, “Oýunçy at”, “Altaý”, “Asuda watan”, “Ylham” we “Alkyşlylar” atly aýdym-sazly çykyşlaryny görkezdiler. Konsertiň jemleýji pursatlarynda iki orkestriň bilelikde ýerine ýetirmeginde R.Rejepowyň “Türkmen tansy” we Mongoliýanyň ýaşlar, Döwlet baýragynyň eýesi, halk artisti, zähmet gahrymany N.Žannasarowyň ýerine ýetirmeginde “Çingiz hanyň iki bedewi”, “Sersen tal” eserleri ýaňlandy.



Döwran GYLYJOW,
Üflenip çalynýan saz
gurallary hünäriniň
5-nji ýyl talyby.

# HALKARA SAZ GÜNI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda halypa-şägirtlik ýoluny ösdürmek maksady bilen Halkara Ýaşulular gününe we Halkara saz gününe bagyşlanyp Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konsertaworiýasynyň "Kamera ansambly" kafedrasy tarapyndan konsert geçirildi. Bu konsert konserwatoriýanyň uly zalynda boldy. Şeýlelikde, bu zala tomaşaçylar we aýdym-sazy söýýän diňleýjiler, myhmanlar, mugallymlardyr talyplar ýygnandylar. Konsertde birnäçe nusgawy türkmen we daşary ýurt kompozitorlarynyň eserleri ýaňlandy.

Konsert "Burun aşak" türkmen halk sazy bilen başlandy. Bu sazy Türkmenistanyň sungatda at gazanan medeniýet işgäri Osman Güjimow ezberlik bilen ýerine ýetirdi. Dutar heňiniň şirin owazlanmagy ähli diňleýjileri özüne maýyl etdi. Soňra F.Şubertiň "Serenada" eserini ýekelikde Keýik Artykowa ýerine ýetirdi. Oňa halypa mugallym Maýa Beýmanowa sazandarlyk etdi. Bu ýerine ýetirilen eser tomaşaçylary özüne çekmegi başardy.

Tanymal kompozitor S.Rahmaninowyň "Prelýudiýa" eserini Halkara bäsleşikleriň laureaty, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite saz çylyk mekdep-internatynyň okuwçysy Aýnur Otuzowa ökdelik bilen ýerine ýetirdi. Aýnur bu eseri uly güýç bilen ýerine ýetirip, özüniň ezberligini görkezdi.

Halkara bäsleşikleriň we XVII Delfiý oýunlarynyň ýeňijisi Seýran Atanyýazowyň ýerine ýetirmeginde A.Glazunowyň "Raýmonda" baletinden Adažio ýaňlandy. Oňa halkara bäsleşikleriniň ýeňijisi Stella Faramazowa sazandarlyk etdi. Eser ýaňlananda skripka bilen fortepianonyň täsirli sazlaşmagynda sazandalaryň öz ussatlyklaryny görkezmekligi başardylar.

Mahmal sesli aýdymçy Türkmenistanyň at gazanan artisti Bibijemal Amanowanyň ýerine ýetirmeginde I.Dunaýewskiniň we J.Puççininiň ajaýyp eserleri ýaňlandy. Bu ýerine ýetirilen aýdymlara Halkara bäsleşikleriň laureaty Merjen Amanowa sazandarlyk etdi. Ýerine ýetirilen eserler tomaşaçylaryň gyzgyn el çarpyşmasyna mynasyp boldy.

Kompozitor Aýna Şirowanyň skripka üçin "Söýgi" romansy Aýbölek Muhyýewa tarapyndan ýerine ýetirildi. Bu ýaş sazandamyz hem özüniň zehin başarnygy, erjelligi bilen halkara bäsleşikleriniň laureaty bolmaklygy başardy. Onuň ökdelik bilen çalan sazyna hem S. Faramazowa sazandarlyk etdi. Aýbölegiň ussatlyk bilen ýerine ýetirmegi tomaşaçylarda uly gyzyklanma döretdi.



"Türkmeniň Altyn asyry" bäsleşiginiň ýeňijisi Begenç Moşşyýew hem konsertde birnäçe aýdymlar bilen çykyş etdi. Ol ilki bilen "Keçpelek" kinofilmden "Duran ýerleri", soňra E. Kurtisiň "Men seni unudyp bilmeýärin" eserlerini ýerine ýetirdi. Onuň özboluşly şirin owazy, labzy bolup, aýdylan aýdymlaryň diňleýjilerde uly täsir galdyrmagyna mynasyp boldy. Bu eserlere hem halkara bäsleşikleriniň ýeňijisi S. Faramazowa ussatlyk bilen sazandarlyk etdi.

Geçirilen aýdym-sazly dabara konserde gatnaşyjylaryň ýerine ýeirmeginde N.Muhadowyň, A.Atajanowyň goşgusyna döreden "Gel Türkmenistana" aýdymy bilen jemlendi. Konsertde ýerine ýetirilen eserler tomaşaçylarda uly täsir galdyrdy. Diňleýjiler ussat aýdymçylara sazandalara minnetdarlyklaryny bildirip, gül desseleri bilen sylagladylar. Yzygiderli ýaňlanan dürli görnüşdäki aýdym-sazlar ýurdumyzyň medeni ösüşleriniň barha ýokarlanýandygyndan habar berýär.



Mähri GURBANGULYÝEWA,
Sazşynaslyk hünäriniň
4-nji ýyl talyby.

# Yz galdyran halypa...

Üstünden ençeme asyrlary agyr külpetleri, taryhy wakalary, şöhratly seneleri geçiren gadymy Lebap topragynda dilden-dile, halypadan-şägirde geçip gelen rowaýatlaryň ençemesi bar. Halypam Türkmenistanyň halk bagşysy Gurbandurdy Öwezowyň täsirli gürrüňleri bilen hakydamda baky ornaşan şeýle rowaýatlaryň birini okyjylar bilen paýlaşmagy makul bildim.

Gürrüň berjek bolýan wakamyň baş gahrymany Lebabyň Halaç sebitlerinde ýaşap geçen Pudak bagşynyň adyny eşitmedik az bolsa gerek. Öz döwründe iň söýlüp diňlenýän bagşylaryň biri bolan Pudak bagşy döwürdeş şahyry Seýitnazar Seýdiniň ýakyn dosty bolupdyr. Şahyryň goşgularynyň biziň günlerimize gelip ýetmeginde bu bagşynyň hyzmaty örän uludyr. Meşhur "Hatyja" atly aýdymyň sazyny hem hut Pudak bagşynyň özi döredipdir. Waka Pudak bagşynyň jahyl wagtlary bolup geçýär. Şol döwürlerde Jeýhunyň bir kenaryndan beýleki tarapyna geçmek üçin Pelwerdiň üstünden geçip, Üpdükabdalyň golaýynda güzerdäki gämilerden peýdalanar ekenler. Bir gün Pudak bagşy aty bilen derýadaky ortajeňňelden geçip, arnadan ýöräp, (arna – derýanyň bir şaha bölünip birnäçe menzilden ýene-de goşulýan saý, ýalpak ýeri) şol gämi duralgasyna barýar. Gämileriň birinde beýleki kenara geçip, hezreti Bilal babanyň guburyna zyýarat edip Beşir obasynda ýaşaýan daýylaryna barýar. Ol ýerde bir aý töweregi bolup, Beşir, Mekan ýaly obalaryň toýlaryny sowupdyr. Toýlar sowlansoň bagşy yzyna dolanjak bolanda, görse Jeýhun dolup-daşyp, tolkun atyp duranmyş.



Gaýdyşyn aty bilen ýörap geçen arnasy bolsa indi geçer ýaly dälmiş. Uly toýlarda birgiden adamlaryň öňünde aýdym aýdyp, birgiden bagşylar bilen bäsleşip aljyrap görmedik ýaş bagşy däli derýanyň tolkun atyşyny synlap hopugup başlaýar. Barybir öýlerine wagtynda dolanmak pikiri bilen atyny suwa tarap sürüp başlaýar. Däli derýa kenara çykmak umydy bilen suwa giren bagşa-da, atyna-da eýgertmeýär.

Tolkunlar at bilen bagşynyň hersini bir akym bilen alyp gidýär. Şol wagt kenarda mallaryny bakyp ýören ýaş gyz arkasy dutarly ýigidiň tolkunlaryň arasynda kä görünip, kä ýitip gidýän keşbini görüp, gark bolup barýan oglany halas etmäge girişýär. Ýaş gyz uzyn ýüp alyp, bir tarapyny kenardaky daýaw toraňňylaryň birine, beýleki tarapyny bolsa biline daňyp özüni möwjäp akyp duran derýa oklaýar. Oglanyň ýanyna ýetmäge sähelçe galanda ýüpüň uzynlygy ýetmeýär. Soňra gyz pikirlenip durmazdan özüniň topugyna düşüp duran nogta ýaly saçlaryny çözläp silkip goýberýär. Özi-de saçlarynyň düýbünden tutup durýar. Oglan gyzyň berk saçlaryndan tutup, derýanyň haýbatly tolkunlaryndan halas bolýar. Kenara çykansoň görse aňyrrakda nuruna ýalpyldap şugla saçýan atynyň gözelligine hemem özüni halas eden halasgäriniň aý dek jemalyna haýran galyp aňkaryp duran bagşy ýigit gyzyň: "Indi saçymy goýberäý" diýen sözüne tisginip özüne gelýär. Saňňyldap duran ellerini gyzyň saçlaryndan aýyryp, öz halasgäriniň adyny we kimlerdendigini soraýar. Gyz öz adynyň Bibinyýazdygyny we öz hossarlarynyň atlaryny aýdýar. Ýigit ol gyzyň öz dostunyň uýasydygyna begenýär. Gyz bolsa mallaryny kowup, gaty-gaty ýöräp obasyna garşy siňip gidýär.

Şol wakadan soň Pudak bagşy Bibinyýaz gyza bagyşlap täze bir saz dörедýär. Ol saza hem "Bibinyýaz" diýip at goýýar. Ýöne ilki-ilkiler toý-tomga baranda sazy gyzyň ady bilen çalmagy göwnejaý görmän, özi Halaçly bolansoň "Halaç nowaýy" ady bilen çalýar. Pudak bagşy öz hossarlaryny Bibinyýazlara gudaçylyga iberýär we edermen gyz bilen durmuş gurýar. Dörän saz bolsa indi "Halaç nowaýy" ady bilen däl-de, öz hakyky "Bibinyýaz" ady bilen il arasynda ýaýrap başlaýar. Bu saz häzirki wagtda hem aýdym, hem saz görnüşinde Lebaply bagşy-sazandalaryň aýdym-saz gorunda mynasyp orun eýeläp gelýär.



Magtymguly ROZYMAMEDOW,
Bagşy hünäriniň 3-nji ýyl talyby.



# KOMPOZITOR NURY MUHADOWYŇ 100 ÝYLLYGYNA

Türkmenistanyň halk artisti, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi, kompozitor we dirižýor, professor Nury Muhadow türkmen kompozitorlarynyň görnükli wekilleriniň hataryna girýär. Ol professional saz sungatyna 1950-nji ýyllarda gelýär. 1939-njy ýylda ol doly däl umumy bilim berýän orta mekdebi tamamlaýar we Moskwanyň döwlet konserwatoriýasynyň ýanyndaky türkmen bölümine okuwa ugradylýar. Professor Aleksandr Pawlowiç Stogorskiniň halypalygynda wiolonçel öwrenýär. Urşuň başlanmagy ýaş sazandanyň okuwyna päsgel berýär, ol 1941-nji ýylyň güýzünde Aşgabada dolanyp gelýär. Ýaş sazanda bu ýerde az wagtlyk Pionerler köşgüniň ýanyndaky türkmen halk saz gurallary ansamblynyň ýolbaşçysy bolup işleýär.

1942-nji ýylda ol goşun gullugyna çagyrylýar. 1946-njy ýylda goşun gullugyndan dolanyp gelen N.Muhadow opera we balet teatrynda işläp başlaýar. 1950—1952-nji ýyllar aralygynda ol Moskwanyň P.I.Çaýkowskiý adyndaky döwlet konserwatoriýasynyň ýanyndaky simfoniki orkestriň dirižýorlarynyň tejribesini ýokarlandyrmak boýunça kurslarynda okaýar.

1952—1956-njy ýyllar aralygynda Türkmen döwlet sazçylyk mekdebiniň sazyň taryhy, nazaryýeti bölüminde okaýar. Hut şol ýyllar hem sazanda kompozisiýada öz güýjüni synap ugraýar. 1958-nji ýylda N.Muhadow Daşkendyň döwlet konserwatoriýasyna, Boris Isaakowiç Zeýdmanyň halypalyk etmeginde kompozisiýa hünärine okuwa girýär.

Kompozitoryň tebigy zehini "Keýmir kör" atly gahrymançylykly operasynda, "Täsin tebip" atly baletinde, "Mollanepes", "Andalyp" atly simfoniki poemalarynda, simfoniýasynda, uwertýurasynda öz aýdyň beýanyny tapýar. Mundan başga-da N.Muhadowyň wokal-simfoniki, kamera-insturmental eserleri, şeýle-de köpsanly aýdymlary we romanslary uly gyzyklanma döredýär.

Kompozitor döredijilik işini hemişe ýerine ýetirijilik işi bilen utgaşykly alyp barýar. Ol 50 ýyldan gowrak Magtymguly adyndaky opera we balet teatrynda dirižýor bolup işleýär. Kompozitor Türkmen milli konserwatoriýasynda işlän döwründe mugallymçylyk işini hem alyp barýar. Onuň talyplarynyň arasynda N.Muhyýew, Ş.Hemraýew, R.Nepesow dagylar bardyr. Ol döredijilik, ýerine ýetirijilik we mugallymçylyk işi bilen bir hatarda, ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşyna hem işjeň gatnaşýar. 1963-nji ýyldan SSSR-iň kompozitorlar birleşiginiň agzasy, 1968-nji ýyldan bolsa Türkmenistanyň kompozitorlar birleşiginiň derňew kommisiýasynyň başlygy bolýar.

# ÝAZGYLYÇ AŞYROWYŇ DOGLAN GÜNÜNIŇ 65 ÝYLLYGYNA

Ýazgylyç Aşyrow dürli žanrlarda ençeme eserleri döredýär. Ol simfoniki poemalaryň, hor eserleriň, fortepiano, skripka, fleýta, gyjak ýaly saz gurallary üçin birnäçe sazlaryň, nusgawy we häzirki zaman şahyrlarynyň goşgularyna ýazylan aýdymdyr romanslaryň awtory.

Ýazgylyç Aşyrow 1959-njy ýylyň 17-nji maýynda Ahal welaýatynyň Gökdepe şäherçesinde dünýä inýär. Ol Gökdepäniň 28-nji orta mekdebinde okaýar we Mylly Täçmyradow adyndaky çagalar sazçylyk mekdebinde tejribeli mugallym Baýram Begmyradowyň synpynda akkordeon hünäri boýunça başlangyç saz bilimini alýar.

1976-njy ýylda Türkmen döwlet mugallymçylyk sungat institutyna okuwa girip, 1980-nji ýylda orkestriň dirižýory bölümini tamamlaýar. Şol ýyl hem sungat institutynyň kompozitorçylyk bölümine Türkmenistanyň halk artisti, professor Weli Muhadowyň synpyna okuwa girýär we ony 1985-nji ýylda tamamlaýar.

Kompozitoryň döredijiliginde simfoniki we wokal sazlary görnükli orun eýeleýär. Simfoniki orkestr üçin "Çarh" atly eseri durmuşyň külpetli ýollary we adam ömrüniň manysy hakyndaky filosofiki pikirlere ýugrulandyr. Bu saz eseri ilkinji gezek 1990-njy ýylda Türkmenistanyň halk artisti Aşyr Hojatowyň dirižýorlyk etmeginde Türkmenistanyň döwlet simfoniki orkestriniň ýerine ýetirmeginde ýaňlanýar.

Kompozitoryň Magtymguly Pyragynyň goşgularyna döreden 5 romansdan ybarat "Meňli" atly wokal toplumynda beýik şahyryň yşky lirikasyna degişli dürli häsiýetleri, duýgulary iň kämil saz guraly bolan fortepianonyň we adam sesiniň üsti bilen örän täsirli berlipdir. Umuman, awtoryň dürli ýyllarda döreden eserlerinde kompozitoryň özboluşly saz dünýäsine aralaşmak mümkindir.

Ý.Aşyrow 1990-njy ýylda Türkmenistanyň kompozitorlar birleşiginiň agzalygyna kabul edilýär. Ol dürli ýyllarda ýurdumyzyň sazçylyk mekdeplerinde, türkmen telewideniýesinde we radiosynda, Türkmenistanyň Kompozitorlar birleşiginde, Türkmen döwlet medeniýet intitutynda işleýär. Ol häzirki wagtda Maýa Kulyýewa Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynda sazyň nazaryýeti bölüminde mugallym bolup zähmet çekýär.



Sahypany taýýarlan
Aýnur NURYÝEWA,
Sazşynaslyk hünäriniň
3-nji ýyl talyby.

# KIM NÄME OKAÝAR?






Bu sowala men: "Iňlis ýazyjysy Jeýn Ostiniň "Гордость и предубеждение" diýen romanyny okadym. Bu iňlis edebiýatyna degişli naýbaşy romanlaryň biridir. Roman nusgawy edebiýaty söýýän okyjylar tarapyndan gyzgyn garşy alyndy. Eserde gürrüň Bennetleriň maşgalasy we olaryň maşgalasyndaky bir-birinden owadan, dürli häsiýetlere eýe bolan bäş doganlar barada gidýär. Bäş doganyň biri hem Elizabet Bennet. Ol eseriň baş gahrymany bolup hereket edýär. Elizabet örän akylly, ýiti zehinli owadan gyz. Eserde Darsi diýen oglan bilen tanyşýar. Darsi hem akylly, görmegeý ýigit. Eserde awtor gahrymanlary örän çeper suratlandyrýar. Ol gahrymanlaryň keşbini gülkiniň kömegi bilen suratlandyrypdyr. Darsi bilen Elizabetiň arasyndaky bolup geçýän wakalary gürrüň berýär. Men eseri okanymda ýakymly duýgulary başdan geçirdim. Hakyky söýgi we bagt üçin olar nähili çylşyrymly ýollardan geçýärler. Romany okanymda durmuşda näçe kyn wakalary başdan geçirseň hem ynamyňy ýitirmeli däldigi barada oýlandym".
Altyn Yangyýewa, sazşynaslyk hünäriniň 3-nji ýyl talyby.






Bu sowal bilen men konserwatoriýanyň 4-nji ýyl talyby Jeýran Joraýewa ýüzlendim. Onuň beren jogaby şeýleräk: "Golaýda rus ýazyjysy Mariýa Stepanowanyň "Памяти Памяти" diýen romanyny okadym. Romanda awtor dürli şäherlere gezelenç edýär we şol bir wagtyň özünde-de geçmişi, ýagny maşgalasynyň ýatlamalaryny dikeltjek bolýar. Şol zatlaryň üsti bilen geçen döwri suratlandyrýar. Adatça, durmuşymyzda gabat gelýän wakalar öňki ýatdan çykan zatlary ýatladýar. Elbetde, bu ýatlamalar örän çuň we tapyp bolmajak ýerde gizlenen. Ýöne suratlaryň, köne hatlaryň, geçen ýatlamalaryň üsti bilen täzeden direlýär. Bu romanda awtor durmuşyndaky bolup geçen wakalary gürrüň berýär. Ahyr soňy aklyndaky ähli ýatlamalar täzeden janlanyp, durmuşyndaky gowy şadyýan, bagtdan doly durmuşy bilen ýene bir gezek ýüzbe-ýüz bolýar. Roman 2017–nji ýylda "Uly kitap" diýip atlandyryldy. Bu kitap okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylanan romanlaryň biri".



Hazirki wagtda men: "Belli rus ýazyjysy Mihail Aleksandrowiç Şolohowyň "Тихий Дон" atly romanyny okap başladym. Ýazyjynyň bu romany 8 bölüm 4 kitapdan ybarat. Romanda gürrüň Don kazaklarynyň 1917-nji ýyldaky öňki durmuşy barada gidýär. Eseriň baş gahrymanlary Grigoriý Melehow we Aksininiň arasyndaky söýgi gatnaşyklary barada wakalar gürrüň berilýär. Bu söýgi jemgyýetiň kanunyna ters gelýän "Bikanun" söýgi diýip atlandyrylýar. Gyz öz söýen ýigidi üçin janyny bermäge-de taýýar. Grigoriý Aksinini tüýs ýürekden söýýär. Bu eser megerem sizem gyzyklandyrandyr. Romanyň ähli bölümlerini okanymdan soň, olaryň durmuşyndaky bolup geçen wakalary size gürrüň bererin". Altyn Gurbangulyýewa, Kirişli saz gurallary hünäriniň 2-nji ýyl talyby.








Bu sowala konserwatoriýanyň sazşynaslyk hünäriniň 4-nji ýyl talyby Mähri Gurbangulyýewa şeýle jogap berdi: "Ispan ýazyjysy Karlos Ruis Safonyň "Тень ветра" atly romanyny okadym. Bu roman okyjyny pikirlenmäge mejbur edýär we Barselonanyň hyýaly dünýäsi barada we kordinatyň düzgüni hakynda gidýär. Eserdäki gahryman erbet häsiýetli nätanyş adamlara duşýar. Ol owadan zenana aşyk bolýar. Erbet gylykly ynsanlar birek-birege ýürekden aşyk bolan ýaşlary aýyrmak üçin elinden gelen zatlary edýärler. Bu wakalar bolsa belli bir derejede ikisiniň arasyna tow düşmegine getirýär. Çykalgasyz wakalary başdan geçirýärler. Kim şol gahrymanyň durmuşyna aralaşsa durmuşlary üýtgeýär. Bir-birlerine gowuşmak üçin kömek eden ynsanlar hem agyr günleri ýaşaýarlar. Eser gahrymanyň durmuşy barada gidýär".







Hazirki wagtda men: "Türk ýazyjysy Miraç Çagri Akdaşyň "Haýat kaýbetdigiň ýerden başlar" diýen eserini okaýan. Bu eser adamlaryň durmuşa bolan höwesini artdyrýar. Durmuşyň näçe kyn ýollary bolsa-da şondan aňsatlyk bilen baş alyp çykmak barada hem-de durmuşda bolup geçýän wakalary suratlandyrýar. Ýazyjy şeýleräk setirleri durmuşdan mysal getirýär: "Kalby owadan ynsan, ýitirsede gazanar" diýip belläpdir. Beýle diýilmegi ynsanyň kalby päk bolmaly. Türkmenlerde şeýle nakyl bar "Göwni açygyň ýoly açyk". Men bu kitaby kitap okamagy halaýan okyjylara-da maslahat berýärin".
(Akmyradowa Hatyja, sazşynaslyk hünäriniň 4-nji ýyl talyby)





**Sahypany taýýarlan Suraý SÄHEDOWA, Sazşynaslyk hünäriniň 4-nji ýyl talyby.**

SUNGAT WE ÝAŞLAR



Biziň salgymyz:
744000 Türkmenistan, Aşgabat ş., 1984 köç., 22
Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy
Tel: (+99312) 92-31-37, Faks (+99312) 92-36-11
Internet sahypamyz: tmk.nesil.edu.tm

Redaktor: Gülzada BAZAROWA
Kompýuterde bezän: Döwlet GARAÝEW